“Tassyklaýaryn”
Türkmen döwlet bedenterbiýe
we sport institutynyň rektory

__________________
H.K.Nunnaýew
«____» _________ 2025ý.

“Tassyklaýaryn”
Türkmenistanyň Magtymguly
adyndaky Ýaşlar
guramasynyň Merkezi
Geňeşiniň başlygy

__________________
Ý.N.Keriýew
«____» _________ 2025ý.

**Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi Geňeşi we Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport instituty bilen bilelikde 2025-nji ýylyň 14-19-njy apreli aralygynda Türkmenistanyň umumybilim berýän orta mekdepleriniň we sport mekdeplerinde türgenleşik geçýän ýaşlaryň arasynda geçiriljek «Zehinli ýaşlar – türgenleriň täze nesli» atly bedenterbiýe we sport görnüşleri boýunça bäsleşikleriň**

# DÜZGÜNNAMASY

Aşgabat - 2025ý.

**Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi Geňeşi we Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport instituty bilen bilelikde 2025-nji ýylyň 14-19-njy apreli aralygynda Türkmenistanyň umumybilim berýän orta mekdepleriniň we sport mekdeplerinde türgenleşik geçýän ýaşlaryň arasynda geçiriljek «Zehinli ýaşlar – türgenleriň täze nesli» atly bedenterbiýe we sportuň görnüşleri boýunça bäsleşikleriň**

# DÜZGÜNNAMASY

«Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasyna» we ýurdumyzda bedenterbiýäni we sporty goldamak hem-de ösdürmek boýunça kabul edilen maksatnamalara laýyklykda, şeýle hem ýokary we orta bilimiň arabaglanyşygyny ýola goýmak, orta mekdep okuwçylaryny okuwa höweslendirmek, olaryň aýratyn zehinlilerini saýlap almak, geljekde kämil sport tälimçilerini, bedenterbiýe mugallymlaryny we sport hünärmenlerini ýetişdirmek maksady bilen, Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň 2025-nji ýylyň 28-nji ýanwarynda çykaran 25 belgili buýrugy bilen tassyklanan 2025-nji «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda» ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde umumybilim berýän orta mekdepleriň ýokary synp okuwçylarynyň arasynda dersler boýunça bäsleşikleri geçirmegiň tertibi esasynda «Zehinli ýaşlar – türgenleriň täze nesli» atly bedenterbiýe we sportuň görnüşleri boýunça bäsleşikleriň Düzgünnamasy işlenip taýýarlanyldy.

## I. BÄSLEŞIGIŇ MAKSADY WE WEZIPELERI

Düzgünnama orta mekdepleriň okuwçylarynyň, türgen ýaşlaryň arasynda «Zehinli ýaşlar – türgenleriň täze nesli» atly bedenterbiýe we sport görnüşleri boýunça bäsleşikleri (mundan beýläk bäsleşik) guramagyň we geçirmegiň kadalaşdyryjy resminamasydyr.

Bäsleşigiň geçirilmegi aýratyn zehinli ýaşlaryň öz zehinlerini açyp görkezmeklerine, orta mekdepleriň okuwçylarynyň ýokary bilim almaga bolan höwesiniň artmagyna, olaryň bedenterbiýäniň we sportuň dürli ugurlary, sport ylymlary, sport tehnologiýalary bilen gyzyklanmalarynyň artmagyna ýardam berer.

**Bäsleşigiň esasy maksatlary:**

- Bedenterbiýe we sport boýunça aýratyn zehinli, ukyply, sport ýaryşlarynda üstünlikli çykyş etjek okuwçylary ýüze çykarmak hem-de olaryň türgenlik mümkinçiliklerini doly açmak;
- zehinli türgen okuwçylary saýlap almak arkaly geljekde halkara derejesinde çykyş edip biljek türgenleriň düýpli binýadyny döretmek;
- sportuň dürli görnüşleri boýunça ýaş türgenleriň ukyp-başarnyklaryna baha bermek we olary hünärmen derejede taýýarlamak üçin sport taýýarlygyna ugrukdyrmak;
- zehinli türgenleriň bilim almaklary bilen birlikde sport mümkinçiliklerini sazlaşykly ösdürmek;
- ýurdumyzyň umumybilim berýän we sport mekdepleri bilen ýokary okuw mekdepleriniň arasynda netijeli hyzmatdaşlygy ýola goýmak arkaly sport ulgamynda yzygiderli kämilleşýän we tejribeli hünärmenleri taýýarlamak.

**Bäsleşigiň wezipeleri:**

- Zehinli, sporta ukyply okuwçylary ýüze çykarmak, olaryň beden taýýarlygyna baha bermek hem-de sport ugrunda geljekki ösüşine mümkinçilik döretmek;

- okuwçylarda fiziki taýýarlyk derejesini, tizlik, güýç, çydamlylyk ýaly häsiýetleri seljermegiň esasynda olaryň türgen mümkinçiliklerini anyklamak;

- orta mekdepleriň sport bilen meşgullanýan okuwçylarynyň arasynda ýokary sport taýýarlygy bilen tapawutlanýan ýaşlary saýlap-seçmek we olaryň ýokary derejeli türgen hökmünde ösüş ýoluna ugrukdyrmak;

- okuwçy ýaşlaryň sport boýunça ylmy, amaly hem-de tehnologiki täzeçil bilimlere bolan gyzyklanmasyny artdyrmak, döwrebap sport tejribesini wagyz etmek;

- sport bilen meşgullanýan okuwçylarda toparlaýyn işleşmek, sport etikasyna eýermek, ýeňşe bolan ynam, maksada okgunlylyk ýaly şahsy häsiýetleri ösdürmek;

- bedenterbiýe we sport boýunça orta hem-de ýokary bilim edaralarynyň arasynda tejribe alyşmalaryny ýola goýmak, bilim-terbiýeçilik gatnaşyklaryny pugtalandyrmak.

## II. BÄSLEŞIGIŇ GEÇIRILÝÄN SENESI WE ÝERI

Bäsleşik 2025-nji ýylyň 14-19-njy aprel aralygynda tapgyrlaýyn görnüşde sportuň dürli ugurlary boýunça geçirilýär. 14-15-nji aprelde - umumy beden taýýarlygy we sportuň tizlik-güýç alamatly görnüşleri boýunça, 16-17-nji aprelde - sportuň oýun görnüşleri, 18-19-njy aprelde - sportuň göreş görnüşleri boýunça bäsleşikler geçirilýär. Bäsleşikleriň ählisi Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň hem-de ylalaşmak esasynda degişli sport görnüşleri boýunça sport desgalarynda geçirilip, her gün sagat 14:00-dan 19:00-a çenli dowam eder.

## III. SPORTUŇ GÖRNÜŞLERI BOÝUNÇA BÄSLEŞIGIŇ DÜZÜMI

Bäsleşikler sportuň görnüşleri boýunça ýörite taýýarlyk we ýaryş maşklary esasynda bedenterbiýe kadalary esasynda geçiriler.

## IV. BÄSLEŞIGE GATNAŞYJYLAR

Bäsleşige Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynda hereket edýän kesgitlenen görnüşleri boýunça onlaýn ýüz tutan mekdep okuwçylar, türgen ýaşlar gatnaşýarlar.

## V. BÄSLEŞIGIŇ ÝEŇIJILERINI KESGITLEMEK

Bäsleşigi guramak we geçirmek boýunça Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynda Guramaçylyk topary döredilýär. Toparyň düzümi institutyň rektory tarapyndan tassyklanýar.

**Guramaçylyk topary:**

- Bäsleşigi geçirmegiň esasy ýörelgelerini kesgitleýär we ony geçirmek boýunça guramaçylyk işlerini alyp barýar;

- bäsleşigi geçirmegiň tertibini we möhletini kesgitleýär;

- beden taýýarlygy we Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynda hereket edýän sportuň kesgitlenen görnüşleri boýunça bäsleşigiň talaplaryny taýýarlamak işlerini alyp barýar;

- bäsleşige gatnaşýan ýaşlaryň ýüztutmalaryna seredýär we arz-şikaýatlar boýunça düşündiriş işlerini alyp barýar.

## VI. ÝEŇIJILERI SYLAGLAMAK

- Bäsleşige gatnaşan ýaşlaryň şahsy orunlary alan ballarynyň jemleri boýunça kesgitlenilýär;
- bäsleşigiň netijeleri resmileşdirilýär we Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň rektorynyň buýrugy bilen tassyklanylýar;
- kesgitlenen ballar esasynda I, II we III orunlar kesgitlenilýär;
- bäsleşikde ýeňiji bolan ýaşlar Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň diplomy we Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi Geňeşiniň sowgady bilen sylaglanylýar;
- gutardyş synpda okaýan «Zehinli ýaşlar – türgenleriň täze nesli» atly bäsleşikde ýokary netijeleri görkezen, bedenterbiýe we sport taýýarlygy ýokary bolan okuwçylara Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynda okuwyny dowam etdirmäge ýeňillikler dörediler;
- ýeňiji bolan okuwçylary we şol okuwçylary taýýarlan mekdepler habar beriş serişdeleriniň üsti bilen mahabatlandyrylar.

## VII. ISLEGNAMALARY TABŞYRMAKLYGYŇ TERTIBI

Bäsleşiklere gatnaşmaga isleg bildirýänler QR-kod ulgamynyň kömegi bilen ýa-da www.tdbsi.edu.tm resmi web saýtynyň ýörite bölümi arkaly hasaba alynýar.

**Habarlaşmak üçin:**
22-65-74 (10-16)
+993-65-65-49-28
+993-65-68-55-90
tdbsi@sanly.tm
https://www.tdbsi.edu.tm

**Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komiteti, Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi Geňeşi we Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport instituty bilen bilelikde 2025-nji ýylyň 14-19-njy apreli aralygynda Türkmenistanyň umumybilim berýän orta mekdepleriniň we sport mekdeplerinde türgenleşik geçýän ýaşlaryň arasynda geçiriljek «Zehinli ýaşlar – türgenleriň täze nesli» atly bedenterbiýe we sportuň görnüşleri boýunça bäsleşikleriň**

**TERTIBI**

**Geçirilýän senesi: 14-19.04.2025ý.**
**Geçirilýän wagty: $14^{00}$-$19^{00}$**

| T/b | Sport görnüşleri | Geçirilýän ýeri | Geçirilýän senesi | Jogapkär guramalar |
|---|---|---|---|---|
| 1. | Umumy beden taýýarlygy we sportuň tizlik-güýç alamatly görnüşleri | Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport meýdançasy | 14-15.04.2025ý. | Talyplar sport kluby, institutyň jemgyýetçilik guramalary, degişli sport kafedralarynyň müdirleri, mugallymlary we meýletinçiler |
| 2. | Sportuň oýun görnüşleri | Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň Köpugurly sport toplumy | 16-17.04.2025ý. | Talyplar sport kluby, institutyň jemgyýetçilik guramalary, degişli sport kafedralarynyň müdirleri, mugallymlary we meýletinçiler |
| 3. | Sportuň göreş görnüşleri | Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň Sportuň olimpiýa görnüşleri fakultetiniň göreş zallary | 18-19.04.2025ý. | Talyplar sport kluby, institutyň jemgyýetçilik guramalary, degişli sport kafedralarynyň müdirleri, mugallymlary we meýletinçiler |